# Köpçülikleýin ýokanja ünsi çekmegiñ alternatiw ýoly: Zombiler

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Medisina,Nukdaýnazar,Söhbetdeşlik,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Köpçülikleýin ýokanja ünsi çekmegiñ alternatiw ýoly: Zombiler
KÖPÇÜLIKLEÝIN ÝOKANJA ÜNSI ÇEKMEGIÑ ALTERNATIW ÝOLY: ZOMBILER

- **ZOMBILER BIZE NÄMÄNI AÑLADÝAR?**

*Täze koronawirus ýokanjy sebäpli soñky günlerde iñ köp ulanylýan sözleriñ birem "distopiýa" bolsa gerek. Adamlaryñ bular ýaly ýokanç kesellere we bela-beterlere garşy taýýarlykly bolmagy üçin dünýäniñ käbir ýerlerinde birnäçe guramalar we hünärmenler iş alyp barýar. Elbetde, durmuş öz okgunlylygy bilen öñe barýarka, biziñ bu duýduryşlarymyza gulak gerýänem ýok. Şonuñ üçin käbir saldamly guramalar we hünärmenler meseläni «zombi ýokanjynyñ» üstünde düşündirmäge synanşypdy.* ***Atlantadaky Kesellere gözegçilik we öñüni alyş merkezi*** *(CDC) we Garward uniwersitetinden dr.* ***Steven Schlozman*** *hem şol aýdylanlara girýärdi. Arhiwden alynan bir söhbetdeşlik bilen köpçülikleýin ýokançlara ünsi çekmek üçin zombilere ýüzlenen alymlaryñ käbiri agzap geçeliñ.*
**Özlem NUMANOGLY.**

(2011-nji ýylda «Tempo» žurnalynda çap edilen bu makala gysgaldylyp we biziñ günlerimiziñ wawwaly koronaworus meselesine kybap getirilip gaýtadan taýýarlandy.)

* * *

Günleriñ bir güni öñüni alyp bolmajak köpçülikleýin ýokanç keseli ýaýrap biler, ýer goduklap ýaşaýan şäherimizi ýumurtga togalabermeli tep-tekiz edip biler, Ýer togalagy meteorit

bilen çaknyşyp biler. Ýa-da, bir seredersiňiz, welin, zombileriň gapyňyzy kakaýmagy-da daşda däl. Muny biz aýdamzok, ABŞ-nyň Atlanta ştatyndaky Kesellere gözegçilik we öňüni alyş merkezi (CDC) aýdýar.
2011-nji ýylyň iýulynda merkeziň internet saýtynda direktor Aly S.Khanyň ady bilen çap edilen makala CDC-niň guş dümewi we tüweleýlerdir apy-tupanlar bilen ýaly eýmendiriji başga bir täzelige ünsi çekdi. Khan şeýle diýýärdi:
«Islendik gyssagly ýagdaýa, hatda zombi çozuşuna hem taýýarlykly bolmaly. Belkäm, şumat meň sözüme gülýänsiňizem, emma, günleriň bir güni «hernä, şo ýazgylary okan ekenim» diýersiňiz. Hem dek şo jygba-jygly pursatlarda näme etmelidigi barada birküç zat öwrendigiňiz bor.»
Bir alymyň aýtjak sözlerine meňzemeýän bu geňsi çykyş nyşanany çüýledi. Sahypalar muny götererden agyr geldi we ýazgy twitterde **“trending topic”**-e girdi.
Zombiler esasanam ýaşlaryň ünsüni paratoner ýaly özüne çekmegi başarýar. Aslyýetinde Khan bu henek gatyşykly çykyşyny golaýlap gelýän tüweleý möwsümini ýatlatmak üçin aýdypdy we bolup biläýjek tebigy apy-tupandan öň we soň ýörelmeli ýoly düşündirýärdi.
Şol günlerde başga bir geň galdyryjy habar Angliýadan geldi. Bilesigeliji bir iňlis Bristol munisipialetine ugradan elektron hatynda «Erte-bir gün zombiler ýaşaýan şäherimizi basyp alsa näme etmeli bolarys?» diýip soraýardy. Oňa berlen jogap kanagatlandyryjy bolmakdan ötri, haýran galdyryjydy. Çünki Bristol munisipialetiniň mejlisi «Zombilere garşy göreşmegiň meýilnamasyny» taýýarlapdy. Meýilnamada zombi öldürmegiň iň gowy usuly hökmünde «kelläni göwreden ýolup taşlamakdygy» aýdylýar we ýarak it ýaly topulaňňaç zombilere ýaragsyz ýagdaýda ýanaşmaly däl» diýen ýaly duýduryşlar bar. Şeýle-de şäheriň howply nokatlary we çozuşdan soňky ýagdaýlary boýunça hem birgiden çäreler işlenip düzülipdi.

■ ZOMBILER BİZE NÄMÄNI AÝDÝAR?

**“Zombi ekspertizalary»** atly ylmy-medisina-fantastiki romanynyň

awtory Garward uniwersitetinden **dr. Steven Schlozman** hem zombileriñ döredýän ýiti täsirini bireýýämden bäri seljerenleriñ biri. Ol leksiýalarynda ýaş talyplar bilen zombiler barada pikir alyşýar. «Diri maslyklary» real durmuşdaky saglyk meselelerine ünsi çekmegiñ ýoly hökmünde garaýar. Ol zombileri prototip hökmünde ulanyp, wiruslaryñ beýnini nähili zaýalaýşy, yklymara epidemiýalaryñ nähili haos we gorky-howsala dörediși, örän ýokanç we bejerip bolmaýan ölüm howply kesele ýoluganlarynda adamlaryñ näme etmelidigi, adam bilen zombiniñ beýnisiniñ arasyndaky tapawutlary baradaky sowallara jogap agtarýar. Lakamy-da **«Doktor Zombi»** Şeýle-de ol, Garward uniwersitetiniñ medisina fakultetiniñ psihatriýa bölüminiñ mugallymy we **Massachusetts** baş hassahanasynyñ psihiatristidir. Ol «Zombi ekspertizalary» atly ilkinji romanynda howada gaýmalap adamlary zombä öwürýän howply wirusdan söz açýar we orta kyýamat senariýasyny çykarýar. Eger sizde «ylym munuñ niresinde?» diýen sorag dörese, onda jogaby aşakdaky gürrüñdeşlikden gözläñ.

– Siziñ «Zombi ekspertizalary» kitabyñyz diñe wagt geçirmäge niýetlenenmi? Näçerägi çeperleşdirilen, näçerägi ylmy dilde ýazylan?

– Bu kitaby okanyñyzda, ylym öwrenip biljegiñizi umyt edýärin. Bu birinji maksat. Hawa, hemmämiz munuñ hyýaly eserdigini bilýäris, emma mantykly hekaýatlar elmydama hakykatlaryñ töwereginde köwejekleýändir. Bu kitapda funksional neýrobiologiýa, köpçülikleýin ýokanç keseller, adamyñ gorky-howatyry we garşy çykma duýgusyna berýän reaksiýasy bilen baglanyşykly maglumatlary tapyp bilersiñiz. Eseriñ gahrymanynyñ el çekme meselesindäki höwessizligi bilenem adamlaryñ hakykatdan-da aýratyn öwrenilmäge degişlidigini görkezendirin diýip umyt edýärin.

– Irki zombi kinofilmlerinde adamlar zombiler tarapyndan dişlenýär we diri maslyga (zombä) öwrülýär. Adam adamkärçilikli aýratynlyklaryny ýitirip, gana suwsan mahluga öwrülýär. Siz alym hökmünde zombileri nähiliräk

şekillendirýärsiňiz?

– Meniň eserimde adamlar ýokanç wirus netijesinde zombä öwrülýär. Hemişeki zombilerden tapawutlylykda olaryň burny akýar we üsgürýär.

– O nähili wirus bolýar?

– Edil sowuklama ýaly ýeke üsgülewükde geçip bilýär. Erbet niýetli adamlar tarapyndan genetik hünärmenlere taýýarladylýar. Howada gaýmalaýar we «prion» *(ölüm howplt beýni trawmasyny döretmäge ukyply proteinler. «Däli sygyr» keseliniňem sebäbi)* alamatlaryny saklaýar. Infeksiýasy beýniniň iň möhüm bölekleruni gemirmäge başlaýar. Ilkinji nobatda amygdalany (duýguçyl beýni) didiwana möndürýär. Şol bir wagtyň özünde beýniniň doýma duýgusyny berýän nokatlaryny (ventromedial hipotalamus) zaýalaýar. Beýniniň işlemäge ukyply loblaryny iýýär.

– Wirus arkaly ýolugan zombilik hakyky durmuşdaky köpçülikleýin ýokanç keselleri alamatlandyrýar, şeýle dälmi?

– Hawa. Biziň mysalymyzda wirus adamy zombileşdirýär. Beýnä eden täsirlerimiň netijesinde zombiler bulaşyk kararlara gelip bilmeýär. Beýni öýjüklerindäki näsazlykdan ötri dogry ýöräp bilmeýär. Şeýle-de, düşnüksiz şekilde adam etini iýme meýli döreýär. Edil serhoş krokodiller mysaly. Akyly ýerinde däl, özüniň kimdigini ýa-da nämedigini bilenok. Wirus beýleki kesellere garşy goragyňy-da ýok edýär we muny ýaýradyjy wirusy başgalara-da ýokuşdyrma meýline maýyl bolýar (ANSD infeksiýasy – zombizm). Kitapda Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyň kategoriýalandyryşy-da bar. Kesel dört tapgyrda ýüze çykýar. (Schlozmanyň kitabynda käbir dini ulamalar keseliň dördünii tapgyrynda gezip ýörenleri «öli» hasap etmegi makul bilýär. Bu ýok etmegi oňlamak manysyna gelýär. Ýeri, bir zombini nädip öldürjek? Birnäçe romanda kellesinden urmagyň gerekdigi aýdylýar. Schlozman hem şobir zady gaýtalaýar, çünki, beýin öýjükleri dem alma we ýürek urşy ýaly esasy funksiýalary

ýerine ýetirýär.)

– Ylym nämüçin zombileri gowy görýärkä? Alym hökmünde zombileriň size nämesi gyzykly?

– Aslyýetine seredende, zombiler medisina we ylym nukdaýnazaryndan nirede duş gelselerem iň gowy mysala ýakyn okuw-öwrediş materialy bolup hyzmat edýär. Ezber lukman bolmagyň ilkinji we belki-de iň möhüm kysmy synçylykdyr. Talyplarymdan şuny soraýaryn: «Eger **«Ýaşaýan ölüleriň gijesindäki»** ýaly aýaklaryny süýräp agyr-agyr ýöreýän zombi göreniňizde, ilkinji nobatda näme gözüňize iler?» Olar maňa: «Gowy ýöremeýändikleri» jogabyny berýärler we bu gezek zombiniň esasy meseleleriniň nämedigi barada kelle agyrdyp başlaýarys. Ýa-da hemişe açdyklaryny bilenimizden soň, şulary sorap bileris: «Adamlary patologiki derejede aç edýän näme?», «Beýniniň açlyga jogapkär bölegi niresi?», «Diri maslyk bolmak nämäni aňladýar?», «Olar hakykatdanam ölümi?», «Ölümi näme kesgitleýär?», «Tehniki taýdan janly däl närsäniň ýüregi urup bilermi?» diýen ýaly.

– Talyplaryňyzyň pikirleri nähili?

– Talyplarymyň aglabasyna ýaraýar, käbirleri muny piňine-de almaýar.

– A kärdeşleriňiz?

– Işdeşlerim meni görlüp-eşdilmedik derejede goldaýar. Kitabymyň minnetdarlyk bölüminde birnäçesiniň adyny-da agzap geçipdim.

– Siziň pikiriňizçe zombileri beýleki gorkunç jandarlardan tapawutlandyrýan zat näme?

– Zombili kinofilmlere hemişe söýüp tomaşa edipdim, galyberse-de, meň özüm elhençlikler (ужас) žanrynda düşürilen kinolary gowy görýärin. Kämil düşürilen elhençlikler kimofilmlerinde, hususanam adatdan daşary hadysalary suratlandyranda hemişe

diýen ýaly sýužetiñ añyrsynda sosial we syýasy many gizlenip ýatandyr. Wampirli kinofilmler barada-da agzap geçeliñ: bu kinofilmlere tomaşa edeniñizde daşarda galma duýgusynyñ, diaspora bolup galmagyñ nähili zatdygyny bilesiñiz gelmegi ahmal. Ýa-da şular ýalyrak pikir edip bilersiñiz: duýguçyl kişi bolsañyzam, ownujak bir zada baglanyp galypsyñyz diýeli (her gün agşam gan tapmagyñyz we gündizine uklamagyñyz gerek). «Möjek adamlara» seredende, öz gahar-gazabymyza erk edip bilmek üçin umyt bulen göreşip biljegimizi görýäris. Emma zombileriñ bular ýaly ähli gorky-howatyrlardan tapawutlydygyny aýtmagym gerek. Çünki zombileriñ şahsy däl tebigaty bar. Zombiler bizi piñine-de alanok. Haýsydyr bir zombi siziñ içegeleriñizi iýen bolsa, muny şahsy ýagdaý bilen baglanyşdyryp bolmaýar. Bu howatyrlandyryjy ýagdaý urha-urly eden-etdiçilikli hereketleri ýatladýar. Hem bu indi modern durmuşymyzy häsiýetlendirmäge başlady.

– Aýdaly, birden zombi okkupasiýasy boldu-da, näme etmeli bolarys?

– Çynlakaý we kesgitli oýlanyp-ölçerip bilsek, hakyky zombi okkupasiýasyndan halas bolup bileris.

## ■ MATEMATIKI TAÝDAN ZOMBI OKKUPASIÝASY

Ottawa uniwersitetinden awstraliýaly matematik **Robert Smith?** *(ol öz at-familiýasy ýaly at-familiýa kän bolansoñ, familiýasynyñ soñuna sorag belgisini goýýar)*, zombileri, hakyky keselçilikleri we matematikany deñeşdirip, köpçülikleýin keseller boýunça matematiki modellemeleri işläp düzýär. Onuñ hasaplamalaryna görä, eger bir zombi 500 müñ ilatly haýsydyr bir şähere girse, bir hepdäniñ dowamynda ýa hemmeler zombä öwrüler, ýa-da öler.
«Zombi okkupasiýasy bolaýdygy – işimiziñ gaýtdygydyr. Olaryñ belli bir bölegini öldürip bileris, emma olary uçdantutma ýok etmekden asgyn geleris. Boljak zat şu: zombiler ýeñse-de ýeñer, ýeñmese-de ýeñer. Çünki olar juda çaltlyk bilen ýaýraýarlar. Iñ gowy çözgüt – her kesiñ özüni goramagy,

strategiki hüjüm». Smith? zombi teoriýalary arkaly hakyky durmuşdaky **adam papilloma wirusy** (HPV) boýunça ylmy barlaglary alyp barýar. Smith? zombiler boýunça barlaglarynyñ matematika bilen ýakyndan gyzyklanýanlaryñam ünsüni çekýändigini aýdýar. Edebi makalalar